**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň**
**28-nji oktýabryndaky № 109**
**buýrugy bilen tassyklanyldy**

# № 3-SÖWDA « ASSORTIMENT BOÝUNÇA SATYLAN HARYTLAR WE OLARYŇ GALYNDYLARY BARADA HASABAT» (Ýyllyk) DÖWLET STATISTIK HASABAT FORMASYNYŇ DOLDURYLYŞY BOÝUNÇA GOLLANMA

1. Harytlaryň satylyşy we ammarlarda galany barada №3-söwda forma boýunça hasabat haryt toparlary boýunça, bellenen sanawa görä ýyllyk boýunça eýeçiligiň görnüşine garamazdan, ähli söwda we iýmit kärhanalary tarapyndan düzülýär. Şu hasabatyň maglumatlary esasynda bölek satuw söwda ulgamy we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryň üsti bilen käbir harytlaryň bölek satuw ölçeglerini kesgitlemek bolýar.

2. Bölek satuw söwdada harytlaryň satuwynyň resminamalaşdyrylan hasaby hemme ýerde ýöredilmeýär, şonuň üçinem käbir harytlaryň we harytlar toparynyň bölek satuw ölçegleri hasabat döwrüniň başyna we ahyryna galan harytlaryň gorlary baradaky resminamalaryň esasynda hasaplamak (balans) ýoly arkaly we bölek satuwa girmeýän harytlaryň gelip gowuşmagy we sarp edilşi baradaky maglumatlar esasynda kesgitlenýär.

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanan №3-söwda hasabatynda diňe hasabat döwrüniň ahyryna satylan we galan harytlar baradaky görkezijiler nazarda tutulandyr. Ýöne özbaşdak balansda duran söwda kärhanalary, ilkinji söwda guramalary (söwda edaralary, trestler, birleşikler, kontoralar, alyjylar jemgyýetleri) hasabat düzmek üçin aşakdaky shema boýunça haryt balansy görnüşinde harytlaryň hereketi baradaky doly maglumatlary işläp taýýarlaýarlar:

a) hasabat döwrüniň başyna haryt gorlary;
b) hasabat döwründe harytlaryň gelişi;
ç) bölek satuw haryt dolanşygyna degişli bolmadyk resminamalaýyn çykdajylar;
d) bölek satuw we beýleki resminamalaşdyrylmadyk çykdajylar;
e) hasabat döwrüniň ahyryna haryt gorlary.

Käbir haryt toparlary boýunça bölek satuwyň ölçegleri a + b - ç - e = d forma boýunça hasaplanyp (balans) ýoly bilen kesgitlenýär. Haryt gorlarynyň, ähtibarlylygy we resminamalar arkaly esaslandyrylmagy, käbir harytlaryň harç edilşiniň resminamalaşdyrylyşy we gelişi baradaky maglumatlar aýry-aýry harytlaryň bölekleýin satuwyň möçberleri baradaky dogry maglumatlary almak üçin möhüm ähmiýete eýedir.

3. Harytlar haryt toparlaryna birleşdirilende haýsy harydyň haýsy topara girýändigini görkezýän “Türkmenstandartlary” BDG-nyň tassyklan Türkmenistanyň önümleriniň (harytlaryň we hyzmatlaryň) döwlet klassifikatoryny 07.04.2010 ý. №72 (TDS 695-2010) ulanmak maslahat berilýär.

4. №3-söwda forma boýunça hasabata çüýşe gaplaryň gymmaty girizilmeýär, ýagny çüýşe gapda gelýän we ýerleşdirilýän harytlaryň (süýt we süýt önümleri, et konserwleri, gök önüm konserwleri, miwe-ir-iýmişli çakyrlary, piwo, humarsyz içgiler we başgalar) nyrhy gabyň gymmaty görkezilmezden berilýär.

5. Haryt balansynda diňe bölek satuw söwda tertibinde satylmaga niýetlenen harytlaryň hereketi görkezilýär. Täzeden işlenmäge niýetlenen çig mallaryň we materiallaryň galyndylary, gelişi we harçlanylşy baradaky maglumatlar hasaba alynmaýar, mysal üçin: çörek bişirmek üçin alnan un; senagatda işlemek üçin alnan matalar; söwda guramalarynyň maddy - tehniki üpjünçiligi we başga maksatlar üçin alnan gurluşyk materiallary, ýangyç, enjamlar we beýleki materiallar. Taýýarlaýyş punktlaryndaky oba hojalyk önümleriniň galyndylary, gelişi we harçlanylşy baradaky maglumatlar hem girizilmeýär; taýýarlaýyş ulgamyndan satmak üçin söwda ulgamyna berlen oba hojalyk önümleri gelen haryt hökmünde hasaba alynýar. Satyn alyş punktlaryndaky harytlaryň

galyndylary, gelişi we harçlanylşy baradaky maglumatlar hasaba girizilmeýär; satyn alyş punktlaryndan satmak üçin söwda ulgamyna berlen harytlar gelen haryt hökmünde hasaba alynýar.

Senagat harytlarynyň satuwyny amala aşyrýan komission dükanlar boýunça şu dükanlarda (satylan zatlaryň doly gymmaty boýunça) diňe iş ýüzünde satylan harytlar görkezilýär, şol bir wagtyň özünde degişli haryt toparlary boýunça şol summadaky harydyň gelmesi artýar. Meselem, komission dükanlaryň üsti bilen 200 müň manatlyk tikinçilik önümleri satylan bolsa, onda şol 200 müň manat «Bölek söwda satylany we başga resminamasyz goýberileni» diýen sütünde görkezilýär we şol bir wagtda harytlaryň geliş maglumatlarynda hasaba alynýar.

6. Hasabatlar bölek satuw nyrhlarda düzülýär. Eger gök önüm saklanýan jaýlarda we kartoşka saklanýan jaýlarda haryt gorlary satyn alyş nyrhlarynda ýa-da özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alynan bolsa, onda olary haryt balansyna geçirmek üçin olaryň ilki bilen gymmatyny bölek satuw nyrhlara geçirmeli.

7. Bölek satuw ulgamyndaky haryt gorlarynyň düzümine aşakdakylar girýärler:

bölek satuwda (dükanlardaky, lawkalardaky, dermanhanalardaky, palatkalardaky, larýoklardaky, kiosklardaky, aýlap we eltip satylýan ýerlerdäki), şeýle hem ownuk lomaý dükanlaryndaky we bazarlardaky, paýlaýjy ammarlardaky we bazarlardaky, gök önüm, kartoşka saklanýan jaýlardaky hakyky bar bolan harytlar;

bölek satuw guramalaryna (alyjylar birleşiklerine, söwda edaralaryna, dermanhana dolandyryşa we beýleki bölek söwdadaky kärhanalara degişli ammarlar we bazarlar) degişli ammarlardaky we bazardaky hakyky bar bolan harytlar;

söwda guramasy tarapyndan satyn alnan, puly tölenen we üpjün edijä saklamak üçin goýlan harytlar;

täzeden işlemek üçin berilen we hasabat senesine öz önümçilik kärhanalarynda, şonuň ýaly-da başga guramalara degişli kärhanalardaky ýatan harytlar.

Bellik. Bu gorlar özlerine gaýtadan işlemek üçin berlen, ýöne hasabat senesine çenli işlenip gutarmadyk harytlaryň barlygy baradaky senagat kärhanalarynyň beren maglumatlary esasynda kesgitlenýär.

8. Bölek satuw söwdasynyň haryt gorlary hökmünde söwda guramasyna degişli, onuň balansynda duran we bölek satuw üçin niýetlenen harytlaryň ähli gorlary hasaba alynýar, hususanda:

- söwdanyň gündelik islegini ödeýän, häzirki wagtda saklanýan haryt gorlary;
- ýylyň pasyllary boýunça söwdany üpjün etmek üçin möwsümleýin saklanýan haryt gorlary, kartoşkany, gök önümleri we miweleri goşmak bilen;
- haryt getirmeleriň möhletleriniň arasyndaky döwrüň dowamynda söwdany üpjün etmek üçin (barmasy kyn ýerlerde) döredilýän wagtyndan öň getirilýän haryt gorlary.

Söwda guramalaryna (dermanhana dolandyryşdan başga) Merkezi bankyň maksatlaýyn karzlary boýunça bergileriň ölçeginde möwsümleýin saklanýan harytlaryň gorlary we daşary ýurt pullaryna satmak üçin, bergini bölek satuw nyrhlaryna geçirmek bilen, harytlar girýär. Bergi puly bölek satuw nyrhlaryna geçirmek üçin harytlaryň möwsümleýin toplanmagyna karz pul boýunça bergileriň ölçegine söwda ýeňilligi we möwsümleýin toplanan harytlara GGS goşmaly we bu harytlaryň galyndysyndan harajatlary aýyrmak gerek.

Alyjylar jemgyýetleri birleşiginiň guramalary we dermanhana dolandyryşy boýunça möwsümleýin saklanýan haryt gorlary olaryň Merkezi bankyň maksatlaýyn karzlary boýunça bergileriniň ölçegine garamazdan hakyky doly jemi boýunça göwrümde görkezilýär.

Wagtyndan öň getirilýän harytlaryň gorlary bölek-satuw nyrhlarynda doly möçberde görkezilýär.

9. Bölek satuw söwda ulgamynyň haryt gorlarynyň düzümine girmeýänler**:**

- ýoldaky harytlar;
- söwda guramalarynyň kömekçi önümçilik kärhanalaryndaky taýyn önüm;
- şu söwda guramasy tarapyndan üpjün edijiden jogapkärçilikli (ynanç haty esasynda) saklawa alnan harytlar;
- döwlet we jemgyýetçilik söwda guramalary tarapyndan komission dükanlarda satmak üçin ilatdan alnan harytlar;
- ähli görnüşli boş gaplar - gaty, ýumşak, çüýşe;
- bölek satuw söwdada bolan harytlar salnan gaplaryň ähli görnüşleri;
- maddy-tehniki üpjünçilik harytlary;
- taslanan harytlar;

- senagat taýdan gaýtadan işlemek üçin (senagat kärhanalary üçin matalar we ş.m.) alnan çig mal we goşmaça materiallar;

- hasap resminamalary Merkezi bankyň inkassasyna tabşyrylmadyk ýöne ugradylan harytlar;

10. Haryt gelmelere iş ýüzünde ammarlara we ilkinji söwda guramalaryna daşyndan gelýän harytlar girýär, ýöne muňa şol ilkinji söwda guramasynyň söwda kärhanalarynyň içki hereketi girmeýär.

Her haryt topary boýunça aşakdaky gelmeler hasaba alynýar:

- özünden ýokardaky guramadan (meselem, etrap alyjylar birleşiklerinden ýa-da welaýat alyjylar birleşiklerinden);

- gös-göni şertnamalar boýunça hut üpjün edijiniň özünden ýa-da tranzit bilen ýokarda duran guramalaryň şertnamalarynyň hasabyna;

- harytlary özbaşdak satyn almak;

- senagat harytlaryny ilatdan komissiýa almak (hasabat döwründe hakyky satylan harytlaryň möçberinde);

- şol ilkinji söwda guramasyna tabyn öz taýýarlaýyş kärhanalaryndan almak;

- gaýry söwda guramalaryndan we söwda kärhanalaryndan lomaý satyn alyş görnüşinde;

- öz kömekçi oba hojalyk, senagat kärhanalaryndan, şol sanda çörek bişirýän kärhanalardan, almak;

- nyrhlary ýokarylandyrylan harytlaryň artdyrylan bahalarynyň jemi (ýagny nyrhlaryň ýokarylandyrylan senesindäki haryt gorlarynyň täze we öňki gymmatlarynyň tapawudy);

inwentarizasiýa geçirilende ýüze çykan artyk harytlar.

11. Käbir halatlarda söwda guramalary harytlary bölek satuwa başga guramalara, edaralara we kärhanalara öz önümçilik kärhanalaryndan ýa-da üpjün edijileriň ammarlaryndan öz söwda ýerlerine getirmän amala aşyrýar, mysal üçin, çörek-bulka önümleri, kartoşka, gök önümler, süýt we beýleki reminamasyz söwda guramalarynyň naryadlary boýunça çagalar, bejeriş we beýleki edaralara gös-göni çörek zawodlaryndan, taýýarlaýyş önümçilik birleşikleriniň we kärhanalarynyň kömekçi hojalyklaryndan berlip goýberilýär. Bu harytlaryň önümçilikden gös-göni satylmaly «Bölek satuw satylany we başga dokumentsiz goýberileni» diýen sütünde hasaba alynýar we edil şu jemi degişli haryt toparlary boýunça gelen haryt hökmünde bellenmeli. Bölek satuw bolmaýan, resminamaly harajada çykarylýan harytlaryň aşakdaky görnüşleri girýärler:

a) ilkinji söwda guramasyna tabyn bolan iýmit kärhanalaryna goýberilen harytlar;

b) ilkinji söwda guramasyna degişli, ýöne bölek satuw söwdada satmak üçin gaýtadan işlenilip, başga harytlara öwrülen harytlaryň gymmaty.

Bellik. Resminamalaýyn harajatlaryň düzüminde gaýtadan işlemek üçin berlen harytlaryň hemmesiniň gymmaty görkezilmän, diňe bölek satuw söwdada satmak üçin doly işlenen we söwda guramalaryna berlen harytlaryň gymmaty görkezilýär, ýagny gaýtadan işlemek üçin berlen harytlaryň gymmatyndan hasabat ýylynyň ahyryna işlenilmän galan harytlaryň gymmatyny aýyrmaly bolýar;

ç) beýleki söwda guramalaryna we iýmit kärhanalaryna harytlaryň lomaý satuwy;

d) harytlaryň arzanladylmagy (arzanlatma geçirilen döwre çenli galan harytlaryň öňki we täze nyrhlary boýunça gymmadynyň tapawudy), muňa fason we model taýdan könelişen harytlaryň bahalarynyň kemelmesi hem girýär; tomus we güýz möwsümler üçin kartoşkanyň, gök önümleriň we miweleriň nyrhlarynyň kemelmegi;

e) sarp edişiň alyjylar birleşigi hökümetiň kararlaryna laýyklykda daýhan hojalyklaryna satylan harytlaryň gymmaty;

ä) üpjün edijilere, özünden ýokarky gurama ýa-da öz kömekçi hojalyklaryna gaýtarylan harytlar;

f) hasabat çärýeginiň dowamynda harytlaryň aktlar bilen resmileşdirilen tebigy kemelmesi.

Ähli resminamalaýyn harajatlar (çykdajylar) şu çykdajynyň käbir görnüşleriniň hasapdan çykarylýanlygy baradaky resminamalar (çykdajy nakladnoýlary, hasaplar, aktlar we başgalar) esasynda kesgitlenýär.

Bellik. Bölek satuw söwdada guramalara, edaralara, kärhanalara satylan harytlar boýunça hasaplar ýazylýar (ownuk-lomaý dolanyşyk diýilýäni). Emma bu resminamalaýyn çykdajy (ownuk-lomaý haryt dolanyşygy) lomaý satuw haryt dolanyşynyň esasy düzüm bölegi bolup durýar.

12. Ammarlardaky we söwda ulgamyndaky harytlaryň hereketi baradaky haryt balansy ilkinji söwda guramasy (özbaşdak balansda duran kärhana,söwda edarasy, alyjylar jemgyýeti)

boýunça tutuşlygyna düzülýär. Balansda ilkinji söwda guramasy boýunça tutuşlygyna galyndylar, haryt gelmeler we çykdajylar baradaky maglumatlar görkezilýär, ýöne muňa ilkinji söwda guramasynyň içindäki hereketler (ammardan dükana, bir dükandan beýleki dükana, dükandan ammara we ş.m.) girmeýär. Şeýlelik bilen, balansda ilkinji söwda guramasynyň içindäki käbir söwda kärhanalarynyň arasynda harytlaryň eýläk-beýläk geçirilmegi zerarly hasaba alyşyň gaýtalanmagyna ýol berilmeli däldir.

Bellik. Lomaý bölümlerdäki (alyjylar birleşiklerindäki) harytlaryň hereketi baradaky haryt balansy şeýle hem lomaý kärhanalardaky harytlaryň hereketi baradaky haryt balansy ilkinji guramalaryň balansynda aýratyn düzülýär we ilkinji söwda guramasy boýunça harytlaryň hereketi baradaky umumy balansa girizilmeýär.

13. Söwda kärhanalary (özbaşdak balansda durýan dükanlardan we palatkalardan başga haryt toparlary boýunça harytlaryň hereketi baradaky balansy düzmeýärler, olar diňe özünden ýokarda durýan guramanyň direksiýasyna haryt toparlary boýunça haryt gorlary baradaky maglumatlary berýärler. Söwda kärhanalaryna harytlaryň gelmesi söwda guramasynyň ammaryndan haryt goýberme görnüşinde ýa-da şol guramanyň raznarýadkasy boýunça üpjün edijiden gös-göni almak arkaly amala aşyrylýar; bu haryt gelme gurama boýunça tutuşlygyna hasaba alynýar. Egerde söwda kärhanasy guramanyň haryt ammaryndan üstaşyr (oňa barman) harytlary özi alýan bolsa, onda bu haryt gelme baradaky maglumatlary özünden ýokardaky gurama gündelik ýa-da hepdelik haryt-pul hasabatlarynda, gelen harydyň girdeji resminamalaryny goşmak bilen, berýärler. Söwda kärhanalary agzalan haryt-pul hasabatlarda giden harytlaryň çykdajy resminamalaryny goşmak bilen, bölekleýin satuw söwda dolanyşygy bolmaýan harytlaryň resminamalaýyn çykdajysy baradaky maglumatlary görkezýärler.

Şeýlelik bilen, ilkinji söwda guramasynda gurama boýunça harytlar toparynyň harytlarynyň hereketi baradaky balansy №3 -söwda forma boýunça hasabaty düzmek üçin zerur bolan resminamalaýyn maglumatlaryň hemmesi bar.

14. Ilkinji söwda guramasynda haryt balansy aşakdaky ýaly düzülýär:

a) hasabat döwrüniň başynda haryt gorlary baradaky maglumatlar geçen döwür üçin hasabatdan geçirilýär, ol ýerde olar hasabat döwrüniň ahyryndaky haryt gorlary hökmünde görkezilipdi, eger hasabat döwründe täze ulgamy alnan bolsa ýa-da başga guramalara berlen bolsa, onda hasabat döwrüniň başyndaky haryt gorlary barada maglumatlar degişlilikde alnan ulgamyň haryt gorunyň möçberinde artdyrylmaly ýa-da berlen ulgamyň haryt gorlarynyň ululygy kemeldilmeli.

Bellik. Guramalaryň içinde ulgamyň alyş-berişi bolanda görkezilen tertip ulanylýar, hasabat döwründe alyş-beriş döwlet we jemgyýetçilik birleşikleriniň guramasynyň arasynda amala aşyrylan bolsa, onda hasabat döwrüniň başynda haryt gorlary baradaky maglumatlar üýtgemän galýar, ulgamyň berýän guramanyň geçiren harytlary resminamalaýyn çykdajy hökmünde, alýan guramada bolsa gelen haryt hökmünde hasaba alynýar.

b) haryt gelme baradaky maglumatlar haryt ammaryna gelen harytlaryň, şonuň ýaly-da, ammara barman, göni söwda ulgamyna gelen harytlaryň girdeji resminamalary (hasaplar, nakladnoýlar, aktlar) esasynda kesgitlenilýär, harydyň gelmesine harydyň diňe öz gymmaty girizilýär, gabyň gymmaty girmeýär, gabyň (çüýşe, agaç) gymmaty üpjün edijileriň hasaplarynda (nakladnoýlarynda) harydyň gymmatyndan aýry görkezilýär;

ç) buýanky resminamalaýyn çykdajylar baradaky maglumatlar (bölekleýin söwda bolmaýan harytlardan başga) çykdajy resminamalar (hasaplar, nakladnoýlar, aktlar) esasynda kesgitlenýär, çykdajy resminamalar ammardan çykan harytlara-da, göni söwda ulgamyna düşen harytlarada düzülýär.

d) ammarlardaky, bölek satuw söwdadaky, jemgyýetçilik iýmit kärhanalaryndaky hasabat döwrüniň ahyrynda haryt gorlary baradaky maglumatlar hasapçy hasabatlary ýa-da haryt ammarynyň kitap-ýazgysy we söwda kärhanalarynyň haryt gorlary baradaky maglumatlar esasynda doldurylýar;

e) 1,2 we 3,4 sütünleriň çykarma (balansy) ýoly bilen alynýan maglumatlary her bir haryt topary boýunça bölek satuwyň (çykarma) ölçeglerini häsiýetlendirýär, muňa harytlary doly gymmaty boýunça nesýe bermek hem girýär.

2–nji we 4-nji sütünlerdäki maglumatlar bölek satuw haryt dolanyşygy we jemgyýetçiligi iýmitiniň dolanyşygy baradaky №1-söwda (aýlyk) forma boýunça hasabatda görkezilen maglumatlardan ullakan tapawut etse, onda doly hasabatyň dogry ýa-da nädogry düzülendigini jikme-jik barlamaly.

2-nji we 4-nji sütünleriň jeminiň hasabat düzülen pursata çenli resminamalar bilen bellenmedik ýitgileriň we ýetmezleriň jemine (summasyna) gabat gelmezligi mümkin, sebäbi şol wagta çenli satylan çüýşe gaplarynyň gymmaty we özi söwda ulgamyna gaýdyp gelmezligi mümkin.

15. Söwda kärhanasy (dükan, palatka) her çärýegiň (ýylyň) ahyryna haryt gorlary barada hasabat düzýär ýa-da ýazgy kitabyny doldurýar. Eger çärýegiň (ýylyň) ahyryna söwda guramalarynda haryt gorlarynyň inwentarizasiýasy geçirilen bolsa, onda haryt toparlary boýunça käbir harytlary hasaba almak arkaly tükellemesi sanawy esasynda hasabat düzülýär, harytlar haryt toparlaryna birleşdirilende haryt sözlüginden peýdalanmaly.

Eger çärýegiň (ýylyň) ahyryna haryt gorlarynyň tükellemek geçirilmedik bolsa, onda bölek söwda kärhanalaryň (dükanyň, palatkanyň we başgalaryň) müdiri hereket edýän kadalarda göz öňünde tutulan her bir haryt topary boýunça galyndylaryň operatiw hasabyny geçirmek arkaly hasabat düzýär (haryt gorlarynyň kitap ýazgysyny doldurýar).

Haryt ammary boýunça haryt gorlary baradaky hasabat harytlaryň hasapçy mukdar-jem hasabaty esasynda düzülýär.

16. Döwlet eýeçiligindäki söwdanyň ilkinji söwda guramalarynda, haryt galyndylarynyň jemleýji hasabatyny düzmek üçin söwda guramalarynyň aýratyn söwda toparlary we düzümleri boýunça aýry-aýrylykda işjeň tablisa düzmek talabalaýyk.

17. Hasabaty netijeli alyp barmak üçin we maglumatlaryň dolulygyny üpjün etmek üçin ilkinji söwda guramalarynda gündelik gelip gowuşýan harytlaryň aýratyn haryt toparlary boýunça operatiw hasap ýöretmek maslahat berilýär. Şol wagtyň özünde, harydyň her gelip gowşan senesi we gelip gowşan harytlaryň geliş resminamalarynyň bir gündäki sany bellenilýär. Her haryt topary boýunça bir günki gelip gowşan jemi sanalýar. Ähli haryt toparlarynyň umumy jemi bir gündäki hemme geliş resminamalardaky görkezilen umumy jeme deň bolmaly. Hasap ýöredilende söwda guramalaryna gelip gowuşýan ähli harytlar, haryt ammarlaryna, şeýle hem göniden-göni söwda ulgamyna, söwda ammaryna barmazdan gowuşýan, hususan hem aşakdaky resminama esasynda gelip gowşan harytlar hasaba alynýar:

üpjün edijiden we beýleki söwda guramalaryndan gelip gowşan harytlaryň sçýotlary, nakladnoýlary;

gaýtadan işlenilýän ýerden gelip gowşan harytlaryň nakladnoýlary;

öz kömekçi hojalygyndan, öz önümçilik kärhanalaryndan, öz taýýarlaýyş nokatlaryndan we başgalardan gelen harytlara üsthatlar, muňa kömekçi hojalygyň özünde satylan harytlaryň üsthatlary hem goşulýar.

Ýörite görnüşdäki egin-eşikleriň satuwy, şeýle hem komission dükanlardaky harytlaryň satuwy degişli haryt toparlarynyň jemi we harydyň gelşi boýunça hasaba alynmaly.

18. Bölek satuw bolmaýan, harytlaryň resminamaly çykdajy bar bolan ýerde haryt toparlary boýunça harytlaryň gelmesiniň hasabyna meňzeş şol çykdajy baradaky maglumatlaryň gündelik (teküşşiý) hasabyny ýöretmek maslahat berilýär. Şu hasap ýöredilende haryt ammaryndan we söwda kärhanalaryndan çykarylan haryda (bölek satuwdan başga) çykdajy resminamalary hasaba alynmaly, hususan:

- beýleki söwda guramalaryna we iýmit kärhanalaryna harytlaryň lomaý satuwynyň hasaplary;
- öz jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryna, öz önümçilik kärhanalaryna (eger şu kärhanalaryň önümi satuw üçin yzyna gaýtarylmaýan bolsa) goýberilen harytlara üsthatlar;
- harytlaryň arzanladylmagynyň delilnamalary (aktlary);
- gaýtadan işlenilen harytlaryň gymmaty.

Beýleki harytlara öwrülen, bölek söwda ýaýlymynda satmak üçin niýetlenen harytlaryň gymmaty aşakdaky ýaly kesgitlenýär: söwda guramasynyň sargydy boýunça harytlary gaýtadan işleýän önümçilik kärhanasy hasabat döwrüniň ahyryna gaýtadan işlemek üçin tabşyrylan we entek işlenmedik harytlaryň galyndysy baradaky maglumatlary berýär; söwda guramasy harytlaryň umumy gymmatyndan entek gaýtadan işlenmedik harytlaryň gymmatyny aýyrýar we gaýtadan işlenen harytlaryň gymmatyny alýar. Gaýtadan işlenilen harytlaryň gymmaty resminamalaryň çykdajy hökmünde hasaba alynýar, gaýtadan işlenmedik harytlaryň galyndysy bolsa guramadaky haryt gorlary baradaky jemleýji maglumatlara goşulýar.

19. Haryt gorlarynyň, haryt gelmeleriň we harytlaryň resminamalaýyn çykdajysynyň her haryt topary boýunça hasaplanan jemleri hasabat düzmek üçin ulanylýar.

Alyjylar birleşmelerinde jemleýji hasabat düzmek üçin haryt gelmegiň işjeň hasabynyň resminamalaýyn çykdajy depderleriniň, şeýle hem haryt galyndylaryň kitap-ýazgylarynyň maglumatlary ulanylýar.

8-nji sütüninde edara görnüşli taraplara we edara görnüşli taraplary döretmedik telekeçilere haryt ýerlemekden gelen girdeji bolan lomaý haryt dolanyşygy görkezilýär, ownuk lomaý söwdanyň almak bilen.

Lomaý söwda haryt dolanyşygy hakyky satuw nyrhlarynda harydyň goýberilen pursadyndan başlap görkezilýär.

Edara görnüşli telekeçiler lomaý söwdada satylan we galan harytlar diýen bölümiň görkezijilerini harytlaryň görnüşleri boýunça öz ähli bölümleri boýunça (filiallary hem goşup), başga welaýatda ýerleşýän aýry bölümlerden başgasyny görkezýär. Çäk taýdan aýry ýerleşýän bölümler maglumaty öz ýerleşýän ýeri boýunça hasabat guramalaryna tabşyrýarlar. Edara görnüşli telekeçiler 3-söwda görnüş boýunça hasabaty döwlet tarapyndan bellige alnan ýerlerinde tabşyrýarlar. Emma, edara görnüşli telekeçiler bellige alnan ýerlerinde işlemeýän ýagdaýynda bu hasabat görnüşi onuň söwda işini amala aşyrýan ýerinde tabşyrmalydyrlar.

8-nji sütünde edara görnüşli telekeçileriň ozal başga ýerden alan harytlaryny ýerlemekden giren girdejini lomaý haryt dolanyşygynda görkezilýär. Ondan başga-da, lomaý haryt dolanyşygyna öz öndüren önümlerini edara görnüşli telekeçilere we ýekebara telekeçilere gaýtadan satmak maksady bilen ýerlemekden alan girdejiler görkezilýär.

Lomaý söwda dolanyşygy tölenen pursatyndan başlap, söwda goşundysyny, goşmaça gymmata salgyty, aksiz, daşary ýurtlara haryt çykarmakdan alynýan paç, gümrükhana pajy we şolar ýaly hökmany tölegleri öz içine alýan hakyky satuw nyrhlarynda görkezilýär.

Lomaý haryt dolanyşygyna aşakdakylar girýärler:

1. Bölek satuw söwda ulgamyndan we ammarlardan guramalara, edaralara, kärhanalara olaryň esasy işleri üçin, önümçilik üçin, maddy tehniki üpjünçilik, gaýtadan satmak üçin nagt däl hasaplaşyk bilen satylan harytlar, hususan:

1.1. Guramalara, kärhanalara özleriniň esasy işlerinde (önümçilik maksatda) ulanmak üçin satylan harytlar:

- sagaldyş edaralaryna - lukmançylyk enjamlaryny, gurallaryny, ýörite mebelleri;
- sport harytlaryny - sport guramalaryna (jemgyýetlerine, sport mekdeplerine);
- saz gurallaryny - sazçylyk uçilişelerine, mekdeplerine, medeni aň- bilim edaralaryna;
- laboratoriýa enjamlaryny, okuw mebellerini, görkezme esbaplaryny - okuw jaýlaryna;
- naharhana saçaklaryny, gap-gaçlary, gurallary - bölek satuw söwda we iýmit kärhanalaryna;
- harytlary we materiallary (matalary, gerekli enjamlary, sapaklary, gurluşyk materiallaryny, parfýumer-kosmetik harytlary we ş.m.) tölegli hyzmat edýän kärhanalara;
- kanselýar harytlary - kärhanalara, guramalara, telekeçilere kärleri boýunça ulanmaga satylan harytlar.

2. Guramalara we kärhanalara benzini, solýarka ýagyny, dizel ýangyjyny we beýleki nebit önümlerini önümçilik üçin, senagatda, awtowokzallarda ulanmaga satylany, şol sanda söwda guramalaryň we kärhanalaryň eýeçiligindäki ulaglar üçin goýberileni.

3. Kärhanalara, guramalara, edaralara söwda ulgamyndan daşary harytlaryň göni önümçilik kärhanalaryndan satylmagy, hususan-da:

3.1. Oba hojalygyna hyzmat edýän önümçilik-tehniki kärhanalaryň oba hojalyk kärhanalaryna awtomobilleri, traktorlary, oba hojalyk maşynlarynyň, ätiýaçlyk şaýlaryny we beýleki önümçilik maksatlary harytlary (gurluşyk materiallary sanitar-tehniki enjamlar, metal önümleri, lakly-reňkleýji önümler we başgalar) satmagy, şeýle hem nebit önümleri bilen üpjünçilik kärhanalarynyň nebit önümlerini satmagy.

3.2. Oba hojalyk kärhanalaryna taýýarlaýyş we söwda ulgamyndan, ammarlardan we bazalardan önümçilikde ulanmaga oba hojalyk önümleriniň, tohumyň (tohumlyk üçin, mallara ot-iýmlik üçin we ş.m.) satylmagy kondisiýasyz dänäniň we konsentrirlenen ot-iýmleriniň çörek önümleriniň bazalaryndan satylmagy.

3.3. Oba hojalyk kärhanalaryna agaç önümleriniň we ýangyjyň satylmagy.

3.4. Guramalara, edaralara we kärhanalara, şol sanda çagalar, okuw, saglygy bejeriş we beýleki sagaldyş we medeni-aňbilim edaralaryna we guramalara, öý hojalyk dolandyryş edaralaryna, ýaşaýyş jaý trestine (ÝJT) gurluşyk we agaç önümleriniň, ýangyjyň satylmagy.

4. Söwda guramalarynyň çäklerinde harytlaryň içerki goýberilişi (ýagny bir lomaý ammaryň öz guramasyna degişli beýleki lomaý ammaryna harytlaryň satylyşy).

5. Harydy bölümlere, polisiýa mekdeplerine, düzeldiş-zähmet profilaktoriýalaryna we başgalara (2.7. bölümde görkezilen satuwdan başga) azyk önümleriniň görkezilmegi.

6. Bölek satuw söwda kärhanalarynyň şäheriň ýolagçy ulaglarynyň hemme görnüşlerinde ulanylýan bir aýlyk ýolagçy biletlerini, talonlaryny we lotereýa biletlerini ilata satmagy.

7. Aragatnaşyk bölümleriniň ilata aragatnaşyk markalaryny, markaly bukjalary, aragatnaşyk otkrytkalaryny satmagy.

8. Önümçilik şeýle-de oba hojalyk kärhanalarynyň işgärlerine we gullukçylaryna zähmet hakynyň deregine natural önüm (haryt) bilen hasaplaşylan ýagdaýynda goýberilen harytlar (zähmetiň önüm görnüşinde tölenilşi).

9. Dükanlaryň we beýleki guramalaryň öz ara hasaplaşygyň hasabyna ýa-da haryt çalyşmak tertibinde goýberilen harytlar.

9-10-nji sütünlerde lomaý söwda ammarlaryndaky galan harytlar san we gymmatlyk görnüşinde görkezilýär.

**IV bölümi** ýylyň jemleri boýunça doldurylýar. Hasabatda hereket edýän kärhanalaryň sany, ýagny hasabat ýylynyň ahyryna hakyky söwda edýän kärhanalaryň sany görkezilýär. Eger kärhana hasabat ýylynyň ahyryna täzeleme, tükellemek, arassaçylyk güni sebäpli işlemedik bolsa, onda ol hereket edýän hasaplanýar we hasabata goşulýar. Kärhana 6 aýdan köp wagtlap täzeden enjamlaşdyrylýan, hereket edýän kärhanalaryň hatarynda görkezilmeýär.

Aýratyn duran jaýy ýa-da alyjylar üçin söwda zaly bolan jaýy eýeleýän bölekleýin söwda kärhanalary dükanlaryň hataryna goşulýar. Bir jaýda bir ýolbaşçylyk tarapyndan dolandyrylýan birnäçe aýratyn otagy eýeleýän dükan bir dükän hasap edilýär. Eger dükan dürli jaýlarda birnäçe aýratyn otaglary eýeleýän bolsa, eger dükan birnäçe jaýda ýerleşip, bir ýolbaşçy tarapyndan dolandyrylýan hem bolsa, her otag özbaşdak dükan hasaplanýar.

Bellik. Önümçilik kärhanalary (tikinçilik we abatlaýyş ussahanalary, kömekçi hojalyklar) ilata bölek söwda satuwy amala aşyrýan hem bolsa, söwda kärhanalary däldirler we olar III böleginde hasaba alynmaýar.

*Dükanlar* bölek satuw söwda kärhanasynyň esasy görnüşi hökmünde ýöriteleşdirilen haryt nyşany boýunça azyk, azyk däl we garyşyk toparlara görä toparlara bölünýärler.

Azyk harytlary bilen söwda edýän dükanlar girýär. Eger azyk harytlary dükanlar uly bolmadyk möçberde käbir ugurdaş azyk däl harytlary (meselem, temmäki önümleri, kükürt, sabyn, ownuk galentereýa önümleri, hojalyk we käbir başga harytlary) satýan bolsa, olar azyk harytlary dükanlary hökmünde hasaba alynýarlar.

Bellik. Wagon-lawkalar we gämi-lawkalar, eger olarda söwda zallary bar bolsa, olar dükanlar düzüminde hasaba alynýarlar, eger-de şeýle zallar bolmasa, olar palatkalar (bassyrmalar) hatarynda hasaba alynýar. Wagon-lawkalar we gämi-lawkalar göçme edaralar bolsa-da, olar durnukly söwda ýaýlymy hökmünde hasaba alynýarlar.

Azyk däl dükanlara diňe azyk däl harytlary satýan dükanlar girýärler. Azyk däl dükanlar uly bolmadyk möçberde azyk harytlary (süýji-köke önümleri) ýerleşdirip bilýärler.

Garyşyk dükanlara şol bir wagtda azyk we azyk däl harytlar bilen söwda edýän dükanlar girýärler.

Dükanyň söwda meýdany diýip söwda we ilata hyzmat etmek üçin meýdana düşünilýär, ýagny haryt satylýan meýdan bilen alyjylara goşmaça hyzmat etmek üçin (sargyt bölümi, kafeteriý, sergi zaly, hyzmat bölümi, el goşlary saklanýan ýer, nagyşlaýjy bölüm, tikinçilik önümlerini bölekleýin täzelemek üçin ýeri, biçimçilik ýeri, nesýe satuw bölümi we alyjylara goşmaça hyzmat boýunça beýleki gulluklar) gullukaryň ýerleşýän meýdanlaryň jemine düşünilýär.

Şonda dükanyň söwda meýdanyna prilawkalaryň, dalbarlaryň we söwda zalynda gurnalan enjamlaryň tutýan meýdany, şeýle hem kabul edilmegine garaşýan komitentler üçin meýdan (komitent otagy) we getirilen goşlary komissiýa almak üçin ýörite meýdan girýär.

Dükanyň söwda meýdanyna girmeýärler:

harytlary kabul etmek we saklamak üçin hanalar, harytlary satuwa taýýarlamak üçin jaýlar (kabul ediji, ýük düşüriji, goşhanalar, sowadyjy kameralar, harytlary satuwa taýýarlamak üçin jaýlar, kafeteriýleriň kömekçi jaýlary, gaplaýjy, sargytlary düzüji we ugradyjy bölümler);

kömekçi jaýlar (gaplary saklamak üçin jaýlar, gaplaýjy materiallar, öwzarlar, egin-eşikler, konteýnerler, harytlary öýe eltip berýän bölüm (topar), enjamlary we abzallary abatlamak üçin

ussahanalar, mazam-wagyz ussahanasy, çüýşe gaplary kabul edýän bölümler, ýumuş bölümi, zir-zibil üçin gaplar);

ýolbaşçylyk we durmuş jaýlary (kontora jaýlary, direktoryň kabineti, işgärlere hyzmat edýän naharhanalar we aşhanalar, işgärler üçin otaglar, jemgyýetçilik guramalaryň otaglary, gyzyl burç, baş pulhana, ýangyngorag jaýy, saglyk punkty, egin-eşik goýulýan, suwa düşülýän, hajathana otaglary, aýallaryň şahsy gigiýenasy üçin jaýlar, witrinalar, tamburlar, koridorlar, merdiwan meýdançalary, taýyn köýnegi (eşigi) alyjynyň syratyna görä bejermek üçin jaýlar (eger-de bular ütük edilýän umumy meýdanda ýerleşen bolsalar);

tehniki jaýlar (şemallandyrylýan kameralar, liftleriň we sowadyjy enjamlaryň ýerleşýän maşyn bölümi, howany salkynlandyryjy kameralar, elektrikgalkan, telefon kommutatory, radiouzel, nasos, merkezleşdirilen ýylylyk üpjünçiligi we sowuklyk üpjünçiligi bolan halatda gazanlar we başgalar); «Awtomobiller we olaryň ätiýaçlyk şaýlary» komission dükanyň ýapyk meýdançalary.

Söwda meýdany diňe dükanlar boýunça görkezilýär. «Palatkalar we kiosklar», «ulagly we ulagsyz daşalýan ulgam» diýlen setirler boýunça söwda meýdany görkezilmeýär.

*Palatkalara (larýoklara, kiosklara)* aýratyn jaýlary bolup, alyjylar üçin söwda zaly bolmadyk söwda kärhanalary girýär. Eger palatkalar (larýoklar, kiosklar) bir söwda guramasyna degişli bolup, başga söwda guramasynyň dükanynyň jaýynda (mysal üçin, uniwersal dükanyň) ýerleşen bolsa, bular özbaşdak söwda kärhanalary ýaly hasaba alynýar. Dükana berkidilen we onuň balansynda duran çadyralar (larýoklar, kiosklar) özbaşdak söwda kärhanalary hökmünde hasaba alynýar.

Bellik. 1. Käbir söwda kärhanalara pawilonlar diýilýär. Olar aýratyn görnüşli söwda kärhanalara girýär. Söwda zaly bolan pawilýon dükanlar hatarynda, zaly ýoklar bolsa palatkalar, kiosklar hatarynda hasaba alynýar.

2. Käbir palatkalarda pawilýon her birini aýratyn söwda guramasy ýa-da söwda kärhanasy eýeleýän, bir topar ýörite jaýlardan durýan aýratyn jaý görnüşinde bolýar. Bu halda pawilýonyň her bir aýratyn jaýy özbaşdak söwda kärhanasy hökmünde hasaba alynýar.

Ulagly we ulagsyz daşalýan ulgamynda uzak wagtlap hereket edýän (işlän) ulagly we ulagsyz maýda söwda üçin ýörite abzallaşdyrylan dürli gurallar, awtopaýlaýjylar, el galtaklary (arabajyklar), lotok söwdasy, sebetler we ş.m. girýär. Uzak wagtlyk hereket edýän (işleýän) gurallar diýip, hemişelik (ýylboýy) işleýän ulagly we ulagsyz söwda ulgamy, şeýle hem möwsümleýin işleýän ulagly we ulagsyz belli bir möwsümiň dowamynda (meselem, doňdurma söwdasy boýunça ulagsyz söwda ulgamy, ýaz-tomus möwsüminde suw söwdasy boýunça ulagly ulgamy) işleýän söwda ulgamy düşünilýär. Baýramçylyk günlerinde, köpçülikleýin ekskursiýa günlerinde wagtlaýyn söwda üçin gurnalan ulagly we ulagsyz söwda ulgamy hatarynda hasaba alynmaýar; bir dükana berkidilen we onuň balansynda duran ulagly we ulagsyz söwda ulgamy özbaşdak söwda birligi hökmünde hasaba alynýar.

*Garbanyşhana* - bu belli bir çig maldan, aňsat ussully taýýarlanýan, çäkli görnüşli tagamlar bilen ilaty tiz naharlamak hyzmatlary bilen üpjün edýän kärhana.

*Restoran* – bu ýokary derejde hyzmat edip, ilatyň dynç almagyny gurnap, köp görnüşli çylşyrymly usullar arkaly taýýarlanýan tagamlar bilen, şol sanda hem oňünden buýurlan, firma tagamlary bilen, humarly içgiler, konditer önümler bilen üpjün edýän kärhanadyr.

*Kafe* – bu restoran bilen deňeşdirilende ilaty naharlaryň çäkli görnüşleri bilen üpjün edýän olaryň iýmitini we dynç almagyny gurnaýan kärhanadyr. Ol firma, oňünden buýurlan önümleri we içgileri satýar.

*Naharhana* – bu hemmeleriň barmaga mümkinçiligi bolan ýa-da naharlanýan ilatyň kesgitli bölegine hyzmat edýän, hepdäniň dowamynda dürli naharlary we tagamlary taýýarlaýan we ýerleşdirýän iýmit kärhanalarydyr.

*Ilat üçin iýmiti taýýarlaýan kärhanalar* - bu kulinar önümlerini taýýarlamaga, satmaga we iýmiti gurnamaga ýöriteleşdirilen kärhanadyr.

*Kärende şertnamasy* – bu kärendä berijiniň kärendä alyja jaýy wagtlaýyn onuň garamagyna we peýdalanmaga ýazmaça görnüşinde taýýarlanan resminamadyr. Kärende şertnamasynda kärende töleginiň möçberini görkezilýär. Iki tarapyň kärende töleginiň şerti we möçberi barada ýazmaça görnüşinde özara ylalaşyklary bolmasa kärende şertnamasy hakyky hasaplanmaýar.

**Söwdanyň, ulagyn we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**